Jebran Halyl Jebrana ýüzlenme / poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jebran Halyl Jebrana ýüzlenme / poema JEBRAN HALYL JEBRANA ÝÜZLENME

Barmykam diýýän käte,
geldimmikäm jahana
gelen şekilli?
Gitsem – gädilip ýerim,
bilinermi gidenim?

Barmykam men jahanda,
geldimmikäm är deýin?
Agyr günde, gaflatda
mydar bolup ilime,
tümlük içre yş bolup,
ýandymmykam är deýin?
Ýa gezdimmi ýymsaryp,
ýalandan çydan bolup,
ilim sermenende gaflat tümünde?!

Barmykam men aslynda,
atadan gana gelip,
eneden jana gelip,
ýagty jahana gelip,
sap-sap gelip, sap-sap geçenler ýaly,
göni geçip barýan bolsam bildimmi?!

Gelenim, eglenenim,
ýol başynda ýorulanym, ýadanym,
ýollar diýip ýatanym,
ýollar diýip turanym,
a soň bolsa ýol ýorgudyn kylanym
bilinjekmi?!

Soň bir gün men bolup
ýa meni idäp,
geçen ýollarymdan ýol salyp,
ýadap,
meniň iglän ruhum deýin,
dertdeş, dertli yzlap,
derman agtaryp,
meni diýip gelinjekmi?!

Barmy men aslynda,
ýok bolsam heniz,
ertede-birigünde,
şatlyk-şagalaňynda,
jezada-süýreginde
boljakmykam bir,
ýa bolmajakmykam,
bellimi başdan,
galkynanym asman,
göterlenim gök,
tutarlarmy adym
yzlap Arkaçdan?!

Aslynda, munda bar bolmagyň ýoly nirede, kaýda?
Haýsy dagda, haýsy derede, haýsy jülgede? Nädip tapmaly o ýoly?…
Belki-de, bar bolmagyň ýoluny sen aýdarsyň, Jebran?
Ýer bilen gögüň arasy adamdan doly, ýöne adam az.

Men özüm ýaly kän mönlügiň däl-de, sen ýaly azlygyň ýesiri, Jebran!

“Sen kör, men bolsam kerem, lalam, şoň üçinem el-ele bereli-de,
bir-birege düşünjek bolaly» – muny sen edil maňa diýen dälsiň.
Ýöne şonda-da bir-birege düşünjek bolaly, başga alaç ýok…

Jebran,
gördüm gözden akan ýaşyňy,

paýhasyña urup juwan başymy.

Jebran,
akyl aýlagynyñ aşygy,
seni gözläp kän garandym daşymy.

Jebran,
jowrandym men, ýandym ýalnyña,
bişdim ataşyña, gelip alnyña.

Göýä ot agtaryp uçan perwana,
nura aşyk bolup geldim alysdan.
Amerika nire,
nirede arap,
dertli haçan duş gelipdir dermana,
nirde Türkmenistan,
tebt alyp ýanyp,
Ýowşan nirde duş bolupdyr Jebrana?!.

Belket, bizi ruh sataşdyrandyr, ruh duşurandyr?
Ýerdäki hudaýlar duş eýländir, seniň hudaýlaryň, eý,
hudaýsyz Jebran! “Men – söýginiň ýolbeledi,
men – kalplar üçin şerap, men- ýüregiň höregi…»
“Men – ykbalyň özi: şu gün guryan, ertir bolsa ýumuryan.
Men hudaý: jan berýän hem jan alýan…» – Bu seň özüň, Jebran!
Men bolsam hiç kim, şoň üçinem aç galdym, kän horukdum.
Maña kalp şeraby ýetmedi, ýürek höregi ýetdirmedi.

Ýolbeletsizem kän horlandym. Azaşdym.
Daşdan aýlanyp gelmeli bolum. Giç geldim.
Şol aýlawly ýolda, agyr ýolda göýdügen adamlara duşdum.
Olar agyr ýolda galanlaryny menden gördüler.
Meniň geçip gaýdanymy, özleri ýaly göýdügip galmanymy halamadylar.
Olar men hiç hili göýdügen däldir öýdüp ynjadylar.
Ýöne men olardan bäş beter göýdügipdim.
Şoň üçinem maña ýolda galmak bolanokdy.
Şoň üçinem men hökman menzile ýetmelidim.

Ýogsa göýdügen gönüm o dünýe-bi dünýe näzra boljakdy.
Üstesine, özümden gaýry meň gönümi görjegem ýokdy.
Öz göbegimi özüm kesmelidim…

“Meniň aýdýan zatlarymyň ýarysy manysyz,
ýöne men olary zynharlaýan zatlarymyň galan
ýarysynyň saña ýetmegi üçin aýdýan» –bu seň özüň, Jebran!

Belki, meniň aýdýan zatlarymyň barysy manysyzdyr,
ýöne men saña düşünjek bolýan…

Asylkysyny aýtsam, men owalda-başda adama uýdum,
adama ynandym, adam diýip ýykyldym,
Jebran! Içden hem daşdan adam diýip kän gygyrdym.

Aýdymymam adam, agymam.
Sowal köküni gönderenimem, ýüzlenenimem.
Belki, men diňe saña däl, tutuş adamzada ýüzlenendirin…

Adam,
sen özüňi owal-ebetde
tanamadyň, tanajagam däl ýaly.
Balyk deýin, urnup ýatan sebetde,
owsundym men saña suwly käl ýaly.

Darkaş gurup ýollarynda zeminiň,
kä sarwan sen, kä şaňňy pes padyman.
Ilki aga, soňra gara emenip,
Arşa-kürse dawa saldyň ýadaman.

Ýene typyp gaçyp soňky şaýy deý,
poluň jaýrygyna tigirlenen kim;
bir-biregi yzlap goňur aýy deý,
derisi sypyrlan, ogurlanan kim?

Aman-aman, aman başdan-aýaga,
durky-durmuşyňa galpmykaň sen?
Bagry badaşanmyň töňňä, taýaga,
jeňňi-jedel bile alpmykaň sen?

Men saña güleñde ynandym çyndan,
ýumruk iýdim urşanyñy aralap;
gyssanañda, gyşarañda ýoluñdan,
soň ýene aglañda bagryň paralap…

Zer-zerbap beslenip, ýamanyň pisläp,
diýeniňde: “Degmedige degmerin”,
ynandym men saña gowulyk isläp,
galdyňmy ýa ýolaýyrtda eglenip?!.

Adam,
nirede sen, mendemi-onda?
Seni sorag salyp gideýin kanda?
Yryldym sen diýip, seni apalap,
ynanasym geldi ynam synanda!..

Ondan, mundan… ynamym syndy diýip,
göwnüm geçdi diýip, tutuş adamzada ynanman bolmaz,
tutuş barlykdan sowap bolmaz. Beýtseň, bite gahar edip,
ýorgan otlan ýaly bolarsyň.
Aýry-aýrylykda alañda çig süýt emen adam,
aýry-aýrylykda alañda özüne ynamy,
ykrary kemen adam umumylyka adamzat ähline degişli.
Ol umumy adamzat paýhasyna dahyllylyk derejesi bilen beýik!
Seniň paýhasdan ýaşyl ýalyn bolup ýanşyňa
gözüm gidýär, Jebran! Belki, menem şeýdip ýanaryn.
Arman, ýaş süýeklerim heniz paýhas şöhlesiniň
astynda kakan däldir-de, tutaşyp bilmän,
tüsseläp durandyr.
Diňe meniň däl, kän-kän men tetellileriň suwlañ
süýegi paýhas guruganlygynyň
ýetmezliginden ejir çekýändir. Ýanyp bilýän däldir…
Bilýän, men seni öz telper pikirlerim bilen,
oglan oýlarym bilen kiçeldýän, Jebran!
Ýok, galat diýdim, asla beýle däl.
Men seni kiçeldeýin diýsemem kiçeldip bilmerin.
Gaýtam özüm kiçelerin.

“Hudaýyň ilkinji serine gelen pikir Perişde hakynda,
ilkinji diline gelen söz bolsa adam bolupdyr» –
bu seniň paýhas ýalnyň alysdan görünýän ýalkymy!
Aslyýetinde, Perişde bilen adam aralykda bir ýakynlyk,
birem daşlyk bar, çenim çen bolsa.
Menem başda özümi perişdedirin öýtdüm.
Adamlaryň ýüzüne perişde päkligi bilen seretdim.
Perişde ýüregi bilen söýdüm.
Perişde kibi asmana-asmana göterildim.
Uçdum! Birden-birden bularyň bary düýş bolup çykan ýaly boldy…

Eýsem, düýşmüdikä? Diňe şolmudyka?
Aslynda men özümiň oglan düýşlerimiň aşygy.
Ol düýşler meniň binýadym, berkim.
Gollarymy galgadyp, al-asmana galar giderdim.
Isledigimçe uçardym, isledigimçe belende göterilerdim.
Ine, indi seredip otyryn welin,
haçandan bäri uçmandyryn,
göterilmändirin gözüm galan asmana.

Öňki göterilenlerimem ýalan ýaly. Aýtsam, hiç kim ynanmajak ýaly
Aýtmasam – armanym içime syganok. Ne aýdyp bilýän, ne aýtman.
Gynanmak gynandym. Onsoň ýene düýş gördüm,
düýşümde-de şol gaýgy: nädip uçup bolarka diýýän.

Bir görsem, ganatlarym döwük, gara-gana bulaşyp ýatyr.
Bu kimiň işi diýip, sessiz gygyrdym. Ahy-nalam içime doldy.
Gözlerim ganguýma, saçlarym syh-syh bolup galdy.
Bu ne ahwalat diýip, öz-özüme sorag berim.
Duşman diýlen çenimden ejiz çykdymy?
Dost diýlen ýanymdan çekildimi?
Indi ganatlarymyň öseri gümanymy?

Eýsem, men indi näme etmeli, Jebran?
Başymy daga-daşa urmalymy? Çöl-beewana çykyp gitmelimi?
Binamysyň gülküsi bilen gülmelimi?
Ýa-da bolmasa, ganaty gyrlanu-döwlen kän-kän perişdeler ýaly,

perişde pälimden yrak düşüp, şer işlere ulaşyp gitmelimi?

Suw-sölsüz çölde galdym bir gezek.
Ýeke-ýalñyzam däl, özüm ýaly ylaýyk
otuz oglan bilen. Otuzyñ biri bir ýana, beýlekilerem bir ýana.
Şol biriñ egninde goşa ýyldyzy, aýagynda-da otuzyñka
garañda ykjamrak aýakgaby bar,
egin-başam otuzyñka garañda sypaýyrak,
gelşikliräk. Sözi rüstem.

Ylga diýse – ylgamaly, dur diýse – durmaly.
Otur diýse – oturmaly, tur diýse – turmaly.
Ana onsoñ ilki saga, soň sola kowdy.
Soldan alyp saga, sagdan alybam sola kowdy.
Ýykylan haýsy, sürşen haýsy, tot-tozan,
epgek-ýalyn, gözler garañkyrap, aýaklar çalşyp,
otuz halys durdy.

Dillener-dä biri ahyry:
– Bi nämüçin beýdýäñ? Biderek ýere bir eýläk,
bir beýläk kowýañ, köseýäñ?.. – diýip.
– Menem şeýtdiler, menem şeýdýän! – Jogap şu boldy.

Ýeriň ýüzi ýazykly bendeden doly.
Olar öz öňlerinde-de, özgeleriň öňünde-de ýazykly.
Ýöne olar öz ýazyklary üçin özlerini däl-de,
owalda-ahyretde özgeleri ýazgarýarlar.
Nämemiş, olar owal beýle däl ekenler;
bir öwpümde göwünleri galypdyr,
bir öwpümde sütem göpüpdirler,
bir öwpümde kitüwdar bolupdyrlar,
şeýde-şeýde perişde pälden derek galmandyr.
Şondan ötri hem olar öz gören
ýamanlyklaryny özgelerden,
onda-da perişde ganaty bekemedik çagalardan
çykarypdyrlar, içlerini sowadypdyrlar…

“Öldürilen üçin onuň özüniň ganhor däldigi şandyr» –

bu seň özüň, Jebran!
Şeýlemikä eýsem? Adamzat hemişe ölmejek bolup
öldürdi dälmi näme? Elini gana bulanyny,
haku-nähak gana galanyny hemişe özüniň öldüriljek bolnanlygy
bilen aklamadymy? Belki, sen mamlasyň.
Adam kowmunyň bar ýalňyşy
şundan başlanýandyr, meger.
Munda gana galyp galandan,
gana galman giden müň
paý gowudyr, belki. Herhal,
adamzat ähliniň ölmezlik üçin öldürmegi
adat edinenligi çyn. Goý, elini gana bulasyn,
boýa-boý gana çümsün, ýöne özi galsyn,
döwran süpsün. Aýylganç, şeýle dälmi?
Adat-da! Dogry, adam her kysmy
akyl-ýörelgelere gezek gelende
ejiz-biçäre däl. Duran ýerinden esliň
ýarsyny taslap, goltugyňy garpyzdan-gawundan
doldyr goýbär. Aýdaly, o dünýeli gürrüň…
Aýdan-diýen bor, bu dünýede pylan etseň,
o dünýede pylan bor, dowzah azabyny görersiň we ş. m. ler.
Emma özi aýdanyna ynanýan däldir. Gijesi-gündizi ýok, günä
gümradyr…

Öldürmejek bolup öldüm,
ölenimi bilmediler.
Gelip dildiler jigerim,
ýaralarmy duzladylar.

Itermejek bolup gitdim,
goýny garly belentlikden.
Dalaşdylar dagdan itip,
bir-birin gazalap süňk deý.

Öldürmejek bolup öldüm,
öldüpjek bolup öldüler.
Men öldüpmän gaýdyp geldim,
öldürenler gelmediler…

Huw-hak, ynançda, ykrarda şeýle: kast eden
pes bolmaly, gazanyň özi düşmeli, ýakanyň
özi bişmeli. Emma şonda-da öldürmejek
bolup ölýänden ölmejek bolup öldüpýän kän.
Gahar ýesirliginden çykyp bilmeýän kän.
Perişde ganatym össün diýseň, perişde
päline berilmeli. Köňülde-de, köçede-de
ýagşylyk yşgyna ýykylmaly. Ýamanlyga berlen
ýanar, öserin oda berer – şu meniň ynanjym.
Men şol ganat üçin öser nemi bolaryn, öser
demi bolaryn, Jebran! Gyrylmadyk ganatlary
berkiderin, taplaryn.
Olar asman zarbyny görerler, asman
zarbyndan zarlamazlar. Päklik ýesirleriniň
kalbyna perişde ganatlarymy ýaýyp girerin,
gaýdybam çykman – şu meniň ynanjym.

Men olary asmana götererin, ýerde gyrmyldap
ýören şeýle-de kän… Bize asmana galmak gerek, Jebran!
Göwünleriň asmana galkmagy gerek! Päklik bilen
galkmagy gerek! Elbet, päklik käte gama batyrýar,
gussa gaplaýar. Päk bolsaň,
jowur ak köýnek ýaly, ýanaşanu-galtaşan
zadyň gara tegmili galýar. Gara balak ýaly,
gara ýalpyldy bolup, garalyklary ýüzüňe alman
gidip bolanok…Sen güýzde ähli gam-gussaňy
ýygnap, öz bagyňda jaýlapsyň.

Aprel gelipdir, bahar toprak bilen nikalaşypdyr.
Seň bagyňda hiç kimiňkä meňzemeýän ajaýyp
güller ösüp ýetişipdir. Goňşular gülüňi göpmäge
gelipdirler we… “Ýere tohum sepilende,
öz bagymyzda eker ýaly, şu gülüň tohumyndan
bize-de ber» diýipdirler. Seň gülzarlygyňa men-de
höwesgär, Jebran! Ýere tohum atylanda,
şonda menem seň gülüňden ekeýin, maňa-da tohum ber?!.

Çünki,

şowhunyñ ogly däl men,
şagalaña ýaran däl,
meý-meslikden, peslikden
şat günlere daran däl.

Aýdanyma-diýenime
ýylgyrsalar ýalandan,
özüm aşar giderin
ýalan atly alañdan.

Hergiz zynharlap diýjegim:
şowhun etmäñ ýok ýerden!
Ýalan şowhun şatlygyñ
degresinde agydyr:
ýük ýykylyp ýolda galar
maýrylanyñ inerden,
inerden galjak ýalñyz zat –
ýükdüp, owsar bagydyr!

Iner armany meniñ
armanymdyr owaldan.
Meger, şondan aýdymym
agy bolup doguldy
hem ýañ salyp alysa,
sökdi bogun-bogundan.
Agy ahy-zar üçin däl,
alsyn aslyn dogumdan!

“Geldi, saçak başyndan ýer berdim, çörek iýdi,
şerap süzdi, gidende bolsa,
señrigini ýygryp, gülüp gitdi» – bu seň özüň, Jebran!
Elbet, soň ol gülüp giden ýene gelipdir, ýene çörejik
tamşanjak, şerap süzjek. Emma sen ony yzyna
it salyp kowupsyň. Bu gezek saña perişdeler
gülüpdirler – bu seniň paýhasyňdan nur, Jebran!
Belki, bu ahwalat biziň umumy ahwalymyzdyr?

Biz bir-birege gülki bolmajak bolup, perişdeler

ähline gülküdiris, belki? Bir-biregiň ýanynda
kiçi bolmajak bolup, barha we barha kiçelip,
ownap barýan bolsak bildikmi? Eýsem,
perişdeler beri gülýärmikä bize?

Biziň halymyza bizden beter gyýylýan
bolmasyn olar birden? Aglaýan bolmasynlar
birden? Kiçiden ýykylmajak bolup,
uludan ýykylyp ýören adam-a biz aslynda.
Adamzat ahwalaty bi, asylky ahwalat!

Men sözümi diýdim,
Jebran,
beslemedim, bezemedim,
şakur-şukur jäjek dakyp,
beýik häzirki zamanyň
ýylmanak jäçleri bilen;
şahu-gedañ ganyn soran
şalyklañ täçleri bilen.

Men sözümi bezemedim,
beslemedim aslynda…
Agy bezelýän däldir,
agyr agydyr agy,
ol jäjekler, jäçler däl,
ýa-da ok-naýza däldir,
bagra gezelýän däldir.

Ol agydyr aslynda,
agyr zemin agysy!

Mundan aglap gidip bor, aglap gitmänem bor.
Aýdaly, gülüp gidip bor. Ýöne o gülki ýalan gülküdir.
Adam düneden gidende, jan jesetden aýrylanda, goý,
ol çaganyň jany, ýaş-juwanyň jany,
garry-gurtynyň jany bolsun, bary bir jandyr,
gelşik üçin aglanýan däldir.
Häkibir gitdi diýlip ses edilýän däldir.

Adam ömpüniň ahyrynda agylygy üçin aglanýandyr.
Biz juda kän sakyrdaýarys, juda kä gülýäris.
Emma biz mydama aýtmaly zady,
aýdasymyzyň gelýän zadyny aýdyp bilmän ýañraýarys.
Aglamajak bolup gülýäris.

Şol soňky mütdetde, öz ýakynymyzy egne
alanymyzda welin, iç-içimize sygman aglaýarys.
Göýä, bu pursat bize aglamak üçin berlen puryja ýaly…
Adam diýleni bir ýazykly bende owalynda.
Ýazygy ýetik. Azyk haltasyny ýazykdan
dolduryp bogupdyr-da, başynyň aşagynda goýupdyr.

Eýsem, oña şeýdipdir diýip gargap bolarmy?
Bedroý sen, betbagt sen diýip bolarmy?
Ýassananyň ýazyk diýip bolarmy?

Elbet, ýazyk iýip adam,
bedroý bolmuş bäş beter.
Ýazykdarlar bir-biregi
islendik gorpa iter.

Barybir men olara
gargap ötüp bilmerin,
sargap ötüp bilmerin
hemem goýup giderin,
kän-kän ärler mysaly,
içi agyr hümmüldili,
agyr zemin agysyn!

Añyrlardan, alyslardan, asyrlardan
gelýän aga ses goşup, kakabaşmy,
bibaşmy, boşmy… diýip öz-özümi owsarlaryn.
Ýürekden gülerin, ýürekden aglaryn.
Ýeke gün, ýeke hepde, ýeke aý, ýeke ýyl
ýaşaryn, ýöne ýürekden ýaşaryn, şeýderin, Jebran!

Gury gidenler kändir,
çakyň hem çeniň däldir

Gurudyr munda bilseň,
hana sygmaz derýalar.
Adam bary ber-başagaý,
gelip-geçip barýalar…

Gury-gurak derýalaryň
kän-kän güzeri bardyr.
Asly bedew bedewiň
bedew gezeri bardyr.

ýollar ally-aýlawly,
biliň üzeri bardyr.
Ölmezden öň ölenleň
dirä dözeri bardyr.

Dirilik üçin agy
tüýs peryýatdyr, tüýs zardyr.
Dirilik üçin dagy
gerdende çeken – bardyr!

Agla, adam, agla dirilik üçin,
ýüzüň gözýaşa ýuw,
günäden ýülün!
Munda bar bolmagyň ýalňyz ýoly şu,
aldama öz-özüň
ýalandan gülüp…

Gep mende däl. Meniň gaharymda,
gaýgymda-da däl. Belki, sende-de däldir, Jebran!
Gep umumy adamzatda, umumy derdi-belalarda!
Adamyň bikemallygynda, belki-de!?
Aýratyn alnan adamyň däl, adamzat ähliniň
bikemallygynda, belki-de? Ýok, men dünýäni
düzederin diýemok. Senem beý diýensiň öýdemok.
Meger, el bilen düzedilýän zadam ýokdur…

Emma adamzat döräli öz-özünden nadyl,
öz bikemallygyndan nägile. Dogry, oňa käte
düneden nägile-de diýýärler, ondan-mundan

kinedar diýip töhmetem atýarlar.

Bular düşünmezligiň, aamlygyň nyşanydyr, belki-de…
Mysaly daşdan gözlemäli, sen näme üçin
dünýeden nägile bolmaly, il sen bolup bilenok!
Men näme üçin ondan-mundan kinedar bolmaly:
men onuň ýagdaýyna-da, munuň
ýagdaýyna-da añryýany bilen ýetik!

Jowrandym men, Jebran,
jowranmadym, ýok…
Döwdüler, çapdylar,
owranmadym, ýok!

Çünki meniň ruhum –
başym-aýagym,
aýdymym hem agym,
hasam-taýagym
ozal päk güzerden
almyş yzgaryn,
şoň üçin meň
päklik golun çyzganym!

Bazarda öz kellelerini torba salyp barýan
akyldarlary gördüm, olar: “Akyl alan-how!
Akyl satylýar!» diýip gygyrýarlar… Haýp,
akyldar pahyrlar öz hajatlary
üçin gara başlaryny bazara salýarlar…

Şeýdip ýüreklerine giňlik saljak bolýarlar –
sen muña näme üçin geň galýaň, Jebran?
Bilýän, bazaryň bazar bolýandygyna,
onda hemme zadyň akyldan gymmatdygyna,
akyldan geçgeldigine, akyldan
gereklidigine sen menden bäş beter beletsiň.

Ýöne men başga zada geň galýan:
biz ikimiz bazara kelledenem beterini –
ýüregimizi alyp çykan ýaly-la? “Ýürek alan-how!

Arzan ýürek! Ýyly ýürek satylýar-la-how!» diýip
gygyrýan ýaly-la? Biz näme üçin beýdýärkäk?
Öz hajatlarymyz üçinmi?

Ýa şol ýumruk ýalyjak ýürege giñlik bermek üçinmi?
Haýsysy üçin, Jebran?!.

Aşgabat, oktýabr, 1991. Poemalar